Türkmenistanyň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda halkara giňişlikde giň goldawa eýe bolýan daşary syýasat strategiýasy hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine esaslanýar. Bu özboluşly doktrina parahatçylykly ýaşamak, sebitde howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek üçin binýat bolup, 30 ýylyň dowamynda ýurdumyza ygtybarly hyzmatdaş we dünýä prosesleriniň işjeň agzasy hökmünde çykyş etmäge mümkinçilik berýän netijeli gurala öwrüldi. Dünýä jemgyýetçiligi onuň tutuş sebit üçin ähmiýetini ykrar edip, döwletimiziň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny birnäçe gezek tassyklady. Birleşen Milletler Guramasynyň resminamalary, şol sanda Baş Assambleýanyň Kararnamalary bu syýasatyň häzirki döwürde möhüm ähmiýete eýe bolýandygyna şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy diňe bir harby bileleşiklere gatnaşmazlyk baradaky ýörelge bolmak bilen çäklenmän, eýsem, sebitde gapma-garşylyklary aradan aýyrmak, parahatçylygy pugtalandyrmak üçin netijeli gural bolup durýar. Bu syýasat öňüni alyş diplomatiýasy we parahatçylykly gepleşikler ýaly mehanizmleri ulanmak arkaly parahatçylygy, durnuklylygy, ösüşi goldamaga gönükdirilendir. Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatynyň iň möhüm netijeleriniň biridir.

Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatynyň ýurdumyzyň ösüşi we halkara giňişlikdäki ornunyň pugtalandyrylmagy üçin binýat bolup hyzmat edýän möhüm ykdysady ähmiýeti hem bar. Döwletimiziň harby we syýasy bileleşikler bilen bagly bolmadyk bitaraplygy işewürlik üçin amatly şertleri döredýär, maýa goýumlary çekmäge we söwda hyzmatdaşlygyny ösdürmäge ýardam berýär. Türkmenistanyň Bitaraplygynyň halkara derejede ykrar edilmegi ýurdumyzyň abraýyny has-da belende göterip, onuň ykdysady ösüşine ýardam berýär.

Hemişelik Bitaraplyk syýasaty ýurdumyzyň içerki durmuşynda hem ähmiýetli orny eýeleýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilen Bitaraplyk daşary syýasat doktrinasy bolmak bilen, milli taglymatyň wajyp bölegine öwrüldi. Bitaraplygyň bilim ulgamynda giňden wagyz edilmegi ýaş nesilleriň ýurdumyzyň parahatçylykly ösüş ýoluna bolan buýsanjyny artdyrýar. Munuň özi yzygiderli we uzak möhletli daşary syýasaty durmuşa geçirmek üçin jemgyýetçilik durnuklylygyny döredýär.

Türkmenistanyň Bitaraplyk ýyllary içinde toplan oňyn tejribesi milli çäklerden çykyp, halkara jemgyýetçilik üçin nusga bolup durýar. Türkmenistanyň tejribesi döwletleriň häzirki ählumumy ýagdaýlarda diňe bir özygtyýarlylygy gorap saklamak bilen çäklenmän, eýsem, diplomatiýanyň we ykdysady hyzmatdaşlygyň gurallaryny ulanmak arkaly, sebit hem-de ählumumy howpsuzlygyň arhitekturasyny gurmaga-da işjeň gatnaşmaga ukyplydygyny görkezýär. Bitaraplygyň türkmen nusgasy işjeň, netijeli we hoşniýetli gatnaşyklaryň mysaly bolmak bilen, bu halkara hukuk ýagdaýynyň durnukly ösüş, abadançylyk üçin möhüm şert

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026

bolup hyzmat edýändigini tassyklaýar.

**Maýsa NURÝAGDYÝEW**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy**

Все права защищены
save pdf date >>> 25.01.2026